# Galar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Galar GALAR

Nurdan dolup duran bu gözel jahan,
Hem munda ýagşylar, ýamanlar galar.
Güller – gülälekler ter, tämiz nahal,
Gül bedenli gaşy kemanlar galar.

Uçjak bolup duran täsin bedewler,
Gara saç, gara göz, süýt dek bedenler,
Ugrunda köpleri telbe edenler,
Dodagyndan ballar damanlar galar.

Ak gara bürener ene ýer çendan,
Deňiz dek tolkunar maýsaly meýdan.
Aý – Günler aýlanar, ýyldyzlar – gerdan,
Dünýäde ýüwrükler, çamanlar galar.

Göwüsden göterlip duran mämeler,
Gyzlaryň ýaňagy – gyzyl läleler.
Dürler hem merjenler, ýakut däneler,
Nowbaharlar çog dek çemenler galar.

Söýginiň gadyrny bilýändir aşyk,
Kä suslanyp gezer, kä hetden aşyp.
Hanasyna sygman, esiräp, daşyp
Yşkyň ummanyna çümenler galar.

Danalara hormat, ýigrenç biweje,
Ak säherler bolar, aý aýdyň gije.
Namart hilä, mertler daýanar güýje,
Müňküriň kalbynda gümanlar galar.

Merdana ýigitler, edaly gyzlar,
Toýnuk gurap barýan durnalar, gazlar.
Al – ýaşyl lybasly atyrly ýazlar,

Alçak goç ýigitler, dymanlar galar.

Ýeriň depesinde mawy gümmezi,
Enäň halal süýdi çagaň emmesi.
Dünýäň gözelligi – bulaň hemmesi,
Şahyryň başynda dumanlar galar.

Sapargeldi HUDAÝBERDIÝEW. Goşgular